Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň “Ylym” çaphanasy.
744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

# ULAGYŇ UMUMY KURSY

*dersiniň okuw maksatnamasy*

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
«Ylym» neşirýaty
2022

UOK 0
U90

U0 **Ulagyň umumy kursy (okuw maksatnamasy).** – A.: Ylym, 2022. – 0 sah.

Maksatnama ýokary okuw mekdepleriniň ulaglar ulgamynyň inžener-tehniki hünärleri boýunça okaýan talyplaryna niýetlenilýär

*Düzüji*: O. Aýnazarowa – uly mugallym

TDKP № 0, 2022 KBK 0 (0 Tü) ýa 0

© "Ylym" neşirýaty, 2022

Çap etmäge rugsat edildi 00.00.2022.
Ölçegi 60×84 $^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy.
Çap listi 00. Şertli-çap listi 0,0. Hasap-neşir listi 0,0.
Neşir №0. Sargyt №0. Sany 0.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň "Ylym" neşirýaty.
744000. Aşgabat, Türkmenbaşy şaýoly, 18.

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

# ULAGYŇ UMUMY KURSY

*dersiniň okuw maksatnamasy*

Redaktor
Teh. redaktor *Ý. Peskowa*
Kompýuter bezegi *G. Ataýewa*



## Düşündiriş ýazgysy

Hormatly Prezidentimiziň bilim we ylym ulgamlaryny düýpli özgertmek hem-de kämilleşdirmek baradaky permanlarynyň, kararlarynyň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän ökde hünärmenleri taýýarlamaga zerur şertleri döredýär.

Ulagyň umumy kursy dersi hünäri boýunça ýokary bilimli inženerleri taýýarlamakda esasy ýöriteleşdirilen tehniki dersleriň biridir. Ulagyň umumy kursy dersi boýunça taýýarlanylan maksatnama ulaglar pudagynda işlejek ýokary bilimli hünärmenleri ýetişdirmek üçin niýetlenilendir. Bu maksatnamada ulaglaryň önümçilik we tehnologik proseslerini, tehnologik prosesleri işläp düzmegiň usulyýetini, abatlaýyş kärhanalarynyň guramaçylyk taslamasyny düzmegiň esaslaryny öwrenmek göz öňünde tutulyar. Ondan başga-da bu maksatnama ýörite edebiýatlar bilen işlemäge we hünär taýýarlygy boýunça beýleki ýöriteleşdirilen dersleri özleşdirmäge ýardam berer.

Okuw maksatnamasynyň umumy görnüşindäki temalaryň ählisi umumy okuwlarda geçilmän, käbirlerini amaly we tejribe sapaklaryndа özleşdirmek göz öňünde tutulýar.

Tehnikanyň ösmeginde ulagyň ösmeginde tehnikanyň baglanyşygy we ol baglanyşygyň adamzat jemgyýetiniň ösmegindäki köptaraplylygy maksatnamada öz beýanyny tapýar. Ulagyň umumy kursy ulagyň täze görnüşleri we olaryň toplumlaýyn ösüşi hem-de ulaglaryň dürli gornüşleriniň özara baglanyşygy, bütewi ulag ulgamynyň çaginde ulagyň dürli görnüşlerini sazlamak, ulag-üstaşyr geçelgeleri, ulag – logistikasy wezipesi maksatnamanyň özeni bolup durýar we olar maksatnamada giňden beýan edilýär.

Geljekki ýaş hünärmenler okadylýan döwründe ylmy gözleglere we inženerçilik çözgütlerine ukyply, täze tehnikany we tehnologiýanyň inçe syrlaryny özleşdirmegi başarýan we olary önümçilikde ornaşdyrmagyň tärlerini ýeterlik bilýän derejede taýýarlanylmalydyr.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda ýol-ulag infrstrukturasy halkara derejede ykrar edilip, ösüşli özgerişlere beslenýär.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde dünýä derejesindäki ylym we bilim ulgamlarynyň gazananlary hem-de innowasion tehnologiýalar önümçilige giňden ornaşdyrylýar. Ähli ösüşli özgerişlikler halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş şertleriniň has-da gowulandyrylmagyna gönükdirýär. “Döwlet adam üçindir!” diýen baş ýörelgämiz doly güýjünde amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň döwrebap ösdürilmeginde ulag ulgamy esasy hereketlendiriji güýç bolup hyzmat edýär. Ýurdumyzda ulag görnüşleriniň ýeke-täk ulag ulgamy düzüminde toplumlaýyn sazlaşykly ulanylyşyny üpjün etmek möhüm meseledir.

Maksatnamada göz öňünde tutulan temalar şu maksatnama boýunça ýazylan okuw kitabynyň, amaly we tejribe işlerini ýerine ýetirmek üçin usuly gollanmalaryň hem-de tehnologik enjamlaryň shemalarynyň işleýiş düzgüni barada maglumat berýän multimedia serişdelerini ulanmak arkaly düşündirilmelidir.

Talyplaryň hünäriniň talaplaryna baglylykda okuw sagatlarynyň mukdary üýtgedilip bilner.

## I. Dersiň özleşdiriliş derejesine bildirilýän talaplar

Talyplar dersi özleşdirip:

1. Ulag ulgamy barada esasy düşünjeleri ele almalydyrlar.
2. Ulagyň dürli görnüşleriniň ykdysady taýdan maksadalaýyk ulanylyş çygryny kesgitlemelidirler.
3. Ulagyň dürli görnüşleriniň tehniki we ykdysady taýdan işiniň görkezijilerine, tehniki üpjünçiligine we ulanylyş geriminiň ösüşine baha bermegi başarmalydyrlar.



2. Ulag syýasatynda türkmen milli strategiýasy .................... 10
3. Ulagyň görnüşleri we aýratynlyklary. .......................... 10
4. Ulagyň tehniki üpjünçiliginiň umumy häsiýetnamasy ............. 10
5. Demirýol ulgamynda esasy tehniki elementler, tehnologiýalar we dolandyryş barada düşünjeler. .............................. 10
6. Deňiz ulaglary ulgamynda tehniki üpjünçilik, tehnologiýalar, işleriň guralyşy we dolandyrylyşy barada umumy häsiýetnamalar ........... 10
7. Derýa ulaglary ulgamynda tehnikanyň, tehnologiýalaryň, işleriň guralyşynyň we dolandyrylyşynyň aýratynlygy ............... 11
8. Awtomobil ulaglary ulgamynda tehniki üpjünçilik, tehnologiýalar, işleriň guralyş we dolandyrylyş esaslary ............. 11
9. Howa ulagynyň esasy tehniki elementleri, tehnologiýasy, guralyşy we dolandyrylyşy barada düşünje ........................ 11
10. Turbageçiriji ulagy barada esasy düşünjeler .................... 11
11. Ulagyň täze görnüşleri we olaryň toparlandyrylyşy .............. 11
12. Demir ýollaryny ösdürmegiň we onuň işiniň hilini ýokarlandyrmagyň esasy ylmy-tehniki meseleleri. ................... 12
13. Deňiz ulagy we onuň geljekki ösüşiniň ylmy-tehniki meseleleri .... 12
14. Derýa ulagynyň geljekki ösüşiniň ylmy-tehniki meseleleri ........ 12
15. Awtomobil ulagynyň esasy ylmy-tehniki meseleleri ............... 12
16. Howa ulagyny ösdürmegiň ylmy-tehniki meseleleri ................ 12
17. Şäher ulag ulgamynyň ösüşiniň aýratynlygy we esasy ylmy-tehniki meseleleri ........................................................ 13
18. Bütewi ulag ulgamynyň çäginde ulagyň dürli görnüşleriniň işini sazlamak 13
Peýdalanylan edebiýatlar ........................................ 14

# MAZMUNY

Düşündiriş ýazgysy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3
I. Dersiň özleşdiriliş derejesine bildirilýän talaplar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . ٤
II. Dersiň göwrümi we okuw işleriniň görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5
III. Dersiň mazmuny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6
Giriş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6
Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy döwründe
ýol-ulag infrastrukturasynyň ösüş aýratynlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 6
1. Ulag serişdeleriniň döreýşine we ösüşine taryhy syn . . . . . . . . . . . . . . . 6
2. Ulag serişdeleriniň adamzat işiniň aýratyn ulgamy hökmünde bölünmegi. . 6
3. Ulagyň döwlet derejesindäki ähmiýeti. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . ٦
4. Ulag isini guramagyň esaslary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
5. Ýük hem-de ýolagçy akymynyň döremegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
6. Ulag işiniň tehniki (tilsimat) üpjünçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
7. Demirýol ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . ٧
8. Deňiz ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 7
9. Derýa ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
10. Awtomobil ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
11. Howa ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
12. Turbageçiriji ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
13. Senagat ulagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
14. Şäher ulagy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
15. Ulagyň täze görnüşleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
16. Ulagyň toplumlaýyn ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
17. Ulagyň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
18. Bütewi ulag ulgamynyň çäginde ulagyň dürli görnüşleriniň işini sazlamak . . . 9
IV. Amaly sapaklaryň temalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . ٩
1. Ulag we ulag ulgamlary barada esasy düşünjeler . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9



4. Tehnologik prosesleri, işleriň guralyşyny, ulagyň dürli görnüşleri bilen ýükleriň we ýolagçylaryň gatnawynyň guralyş usullaryny öwrenmelidirler.

5. Ýeke-täk ulag ulgamy düzüminde ulagyň dürli görnüşleriniň toplumlaýyn sazlaşykly ulanylyşy boýunça modeli gurmak üçin degişli kriteriler ulgamyny saýlap almalydyrlar.

Ulaglaryň önümçilik we tehnologik prosesleri gatnaw prosesiniň guralyşyny, tehniki üpjünçiligini, tehnologiýasyny we ulagyň dürli görnüşleriniň ösüş depginlerini we olaryň dolandyrylyş ulgamyny, ulag görnüşleriniň saýlanyp alnyş kriterilerini, ýeke-täk ulag ulgamy düzüminde ulagyň dürli görnüşleriniň toplumlaýyn sazlaşykly ulanylyşyny iş ýüzünde we ylmy-barlag işlerinde peýdalanmakdan ybaratdyr.

## II. Dersiň göwrümi we okuw işleriniň görnüşleri

| Okuwlaryň görnüşleri | Sagatlaryň hemmesi (sagat) | I ýarymýyllyk (sagat) | II ýarymýyllyk (sagat) | III ýarymýyllyk (sagat) |
|---|---|---|---|---|
| Umumy sagatlar | 192 | 72 | 72 | 48 |
| Umumy okuwlar | 104 | 36 | 32 | 36 |
| Amaly sapaklar | 70 | 36 | 16 | 18 |
| Tejribe sapaklary | – | – | – | – |
| Hasap-grafiki işler | – | – | – | – |
| Ýyllyk işler, ýyllyk taslamalar | – | – | – | – |
| Referatlar | – | – | – | – |
| Jemleýji gözegçiligiň görnüşleri (hasap,bahaly hasap,synag) | – | synag-hasap | synag | synag |

## III. Dersiň mazmuny

### Giriş

Ulaglar ulgamynyň maddy-tehniki binýadyny pugtalandyrmagyň ýollary we ulaglary mundan buýana ösdürmegiň zerurlygy baradaky görkezmeler. Döwletimiziň ulag diplomatiýasy halkara hyzmatdaşlygy, durnukly ösüşi, umumy howpsuzlygy, parahatçylygy pugtalandyrmakda dünýä derejesinde öz ykrarnamasyny tapýar.

Ulagyň umumy kursy dersiniň maksady, wezipesi we düzüm bölekleri.

Ulagyň niýetlenilişi we wezipesi. Ulagyň işini häsiýetlendirýän esasy görkezijiler. Ulag we daşky gurşaw. Ulagyň esasy görnüşleri. Ulag ulgamy barada düşünje. Ulag görnüşleriniň özara baglanyşygy. Ulagyň görnüşini saýlamagyň kriterileri.

### Berkarar döwletiň täze eýýamynyň galkynyşy döwründe ýol-ulag infrastrukturasynyň ösüş aýratynlygy

Ulagyň umumy kursunyň öwrenýän meseleleri. Ulag logistikasy. Ulag-üstaşyr geçelgeleriniň ähmiýeti.

### 1. Ulag serişdeleriniň döreýşine we ösüşine taryhy syn

Adamyň ýaşaýşynda ulagyň ähmiýeti. Gadymy siwilizasiýanyň ulag serişdeleri. Ulag üpjünçiliginiň we serişdeleriniň özgerişi (ewolýusiýasy).

### 2. Ulag serişdeleriniň adamzat işiniň aýratyn ulgamy hökmünde bölünmegi

Renessans döwrüniň ulagy. Ulag serişdeleriniň adamzat işiniň aýratyn ulgamy hökmünde bölünmegi. Häzirki zaman ulag serişdelerine umumy häsiýetnama.

### 3. Ulagyň döwlet derejesindäki ähmiýeti

Döwletiň ösüşinde ulagyň ähmiýeti. Ýurduň bütewi ulag ulgamynyň döremeginiň durmuş-ykdysady esaslary. Ulagyň ösüşiniň we




12. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. I tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

13. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. II tom. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

14. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenleriň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

15. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ak şäherim – Aşgabat. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2021.

16. “Awtomobil ulagy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. 2019.

17. “Demir ýol ulagy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. 2019.

18. “Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. 2020.

19. “Magistral turbageçiriji ulag hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. 2019.

20. “Türkmenistanyň ulag syýasatynyň esaslary hakynda” Türkmenistanyň Kanuny. 2018.

21. “Bahalary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 1145-nji belgili Karary. – Aşgabat. 2019.

22. “Türkmenistanyň Raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012–2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasy”. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

23. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: “Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy” – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.

24. “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň konsepsiýasy” – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020.

25. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. I tom. A–Ž. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

26. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. II tom. K–Z. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.

## Peýdalanylan edebiýatlar

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: Ylym, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1–10-njy tomlar. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008–2019.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
6. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom (Goşundylar). Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
8. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bagtyýarlyk sagdynlykdan başlanýar. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
9. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
10. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
11. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.



onuň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmagyň geljegi. Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty ulaglar ulgamynda işlejek hünärmenleri taýýarlamakda ýurdumyzyň baş bilim ojagydyr.

### 4. Ulag isini guramagyň esaslary

Ulag bilen baglanyşykly umumy düşünjeler. Bütewi ulag ulgamy barada düşünje. Öndüriji güýçleri ýerleşdirmek we ulag ulgamy. Halk hojalygynyň beýleki pudaklary bilen ulag ulgamynyň özara baglanyşygy. Ulag ulgamynda hojalyk hasaplaşygynyň esaslary.

### 5. Ýük hem-de ýolagçy akymynyň döremegi

Daşalyşy döwlet tarapyndan meýilleşdirmegiň esaslary (prinsipleri). Daşalyş işi we ony düzüjiler. Daşalyş işi we onuň başlangyçlary.

### 6. Ulag işiniň tehniki (tilsimat) üpjünçiligi

Ulagyň tehniki üpjünçiliginiň umumy häsiýetnamasy. Ulag işiniň guralyşy we tehnologiýasy barada umumy düşünjeler. Ulagda tehniki serişdeleri ulanmagyň esasy görkezijileri we ölçegleri. Ulag üpjünçiliginiň tehniki derejesine hem-de kuwwatyna baha bermegiň usullary we görkezijileri. Daşalyş işiniň aýratynlyklary we ulag ulgamyny dolandyrmagyň umumy adalgalary.

### 7. Demirýol ulagy

Demir ýollaryň döremeginiň we ösüşiniň taryhy. Demirýol ulagyny guramagyň, dolandyrmagyň, tehnologiýasynyň esasy elementleri barada düşünje. Demirýol ulagynyň häzirki wagtdaky ýagdaýyna baha bermek. Türkmenistanyň demirýol ulagy.

### 8. Deňiz ulagy

Deňiz gämi gurluşygynyň döremeginiň taryhy.Deňiz ulagyny guramaklyga we dolandyrmaklyga, onuň tehniki üpjünçiligine we

tehnologiýasyna umumy häsiýetnama.Deňiz ulagynyň häzirki wagtdaky ýagdaýy, mundan beýläk ösdürmegiň ylmy-tehniki meseleleri.

### 9. Derýa ulagy

Derýa ulagynyň döremeginiň taryhy. Derýa ulagyny guramaklygyň we dolandyrmaklygyň, tehniki we tehnologiki aýratynlyklary.

Derýa ulagyny mundan beýläk ösdürmegiň ylmy-tehniki meseleleri we olary çözmegiň ýollary

### 10. Awtomobil ulagy

Awtomobil ulagynyň döremeginiň taryhy. Awtomobil ulagynyň häzirki zaman ýagdaýy we onuň ulanylyşynyň tehniki derejesini ýokarlandyrmagyň meseleleri. Awtomobil ulagyny guramagyň we dolandyrmagyň, tehniki we tehnologik taýdan enjamlaşdyrmagyň esaslary.

### 11. Howa ulagy

Howa ulagynyň döremeginiň taryhy. Howa ulagyny guramagyň we dolandyrmagyň tehniki we tehnologik aýratynlyklary. Howa ulagyny mundan beýläk ösdürmegiň ylmy-tehniki meseleleri we olary çözmegiň ýollary.

### 12. Turbageçiriji ulagy

Turbageçiriji ulagynyň ýüze çykmagy. Ýangyç-energetiki çig mallary daşamakda turbageçiriji ulagynyň ähmiýeti. Turbageçiriji ulagynyň mundan beýläk ösüş geljegi.

### 13. Senagat ulagy

Senagat ulagynyň aýratynlyklary we gysgaça häsiýetnamasy. Senagat ulagynyň häzirki ýagdaýy. Senagat ulagynyň ösüşi.

### 14. Şäher ulagy

Şäherleşmek (urbanizasiýa) prosesi we şäher ulagynyň ýüze çykmagy.

Şäher ulagynyň häzirki wagtdaky ýagdaýy we ony mundan beýläk ösdürmegiň esasy ylmy-tehniki meseleleri.



lişi. Awiapetekleriň satylyşynyň awtomatlaşdyrylyşy. Ýerleriň ätiýaçlykda saklanylyşy, gysga we wertikal uçuşly uçarlar, uçuşlaryň howpsuzlygynyň üpjün edilişi.

### 17. Şäher ulag ulgamynyň ösüşiniň aýratynlygy we esasy ylmy-tehniki meseleleri

Ulag görnüşleriniň özara baglanyşykly ulanylyş şertleri. Täzeden ýüklenişsiz gatnaw. Ýeke-täk ulag gatnaw ýol ulgamynyň ösüşinde optimal wariantyň saýlanylyşy.

### 18. Bütewi ulag ulgamynyň çäginde ulagyň dürli görnüşleriniň işini sazlamak

Bütewi ulag ulgamynyň çäginde ulagyň dürli görnüşleriniň işini sazlamak meselesiniň düýp manysy.

### 12. Demir ýollaryny ösdürmegiň we onuň işiniň hilini ýokarlandyrmagyň esasy ylmy-tehniki meseleleri

Demirýol ulgamynyň geljekki ösüşleri, häzirki hereket edýän magistrallaryň geçirijilik we gatnadyjylyk ukybynyň artdyrylyşy. Demirýol ulgamynyň ýolagçy daşalyş prosesiniň hiliniň ýokarlandyrylyşy.Ýükleriň we ýolagçylaryň gatnaw (transport) tizliginiň artdyrylyşy.

### 13. Deňiz ulagy we onuň geljekki ösüşiniň ylmy-tehniki meseleleri

Deňiz ulagynyň umumy möçberiniň artdyrylyşy.Gämileriň her biriniň ýük göterijiliginiň ýokarlandyrylyşy, ýük flotunyň ýöriteleşdirilişi.Tizlik meselesi, ýangyç tygşytlanylyşynyň ýokarlandyrylyşy, portlaryň ösüşi.

### 14. Derýa ulagynyň geljekki ösüşiniň ylmy-tehniki meseleleri

Flotuň strukturasynyň kämilleşdirilişi. Derýa flotunyň ýöriteleşdirilişi, derýa ýollarynyň ýeke-täk ulgamynyň emele getirilişi. Hereket tizliginiň ýokarlandyrylyşy, hereket howpsuzlygynyň üpjün edilişi, portlaryň ösüşi, çylşyrymly prosesleriň awtomatlaşdyrylyşy.

### 15. Awtomobil ulagynyň esasy ylmy-tehniki meseleleri

Awtomobil parkynyň köpelmegi we kämilleşmegi. Awtomobil ýol ulgamynyň ösüşi. Hereket howpsuzlygynyň üpjün edilişi.

### 16. Howa ulagyny ösdürmegiň ylmy-tehniki meseleleri

Ýolagçy uçarlarynyň sygymlylygyny ýokarlandyrmak. Agyr ýükli uçujy enjamlaryň döredilişi. Ýangyç tygşytlylygynyň ýokarlandyrylyşy. Howa menzilleriniň ösüşi we kämilleşdiri-



### 15. Ulagyň täze görnüşleri

Ulagyň täze görnüşleri, olaryň toparlara bölünişi.
Geljegi bolan täze ulag görnüşleriniň häsiýetnamasy. Ulagyň täze görnüşleriniň tehniki taýdan ulanylyşyna baha bermek.

### 16. Ulagyň toplumlaýyn ösüşi

Dürli ulag görnüşleriniň artykmaçlyklarynyň we kemçilikleriniň deňeşdirme derňewi. Bütewi ulag torunyň ösüşiniň amatly ýollarynyň saýlanylyşy. Ulagyň dürli görnüşlerinden peýdalanmagyň ykdysady taýdan maksadalaýyklygy. Ulag toruny döretmek meseleleri.

### 17. Ulagyň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygy

Ulagyň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygy meselesiniň düýp manysy we häzirki wagtdaky ýagdaýy. Ulagyň dürli görnüşleriniň özara baglanyşygynyň şertleri. Müşderilere ulag-ýollama taýdan hyzmat edilişi.

### 18. Bütewi ulag ulgamynyň çäginde ulagyň dürli görnüşleriniň işini sazlamak

Bütewi ulag ulgamynyň çäginde ulagyň dürli görnüşleriniň işini sazlamak meselesiniň düýp manysy. Ulagy dolandyryşy guramagyň deňeşdirme derňewi. Ulagyň dürli görnüşleriniň işini ýokary derejede sazlamak.

## IV. Amaly sapaklaryň temalary

### 1. Ulag we ulag ulgamlary barada esasy düşünjeler

Ulag we ulag ulgamlary barada esasy düşünjeler. Ulag prosesiniň elementleri, ulag işiniň esasy görkezijileri. Umumy peýdalanylýan we pudaklaýyn, üznüksiz we diskret täsirli ulag ulgamy, onuň ulanylyş çygry.

## 2. Ulag syýasatynda türkmen milli strategiýasy

Sebit we dünýä möçberinde ulag ulgamyny ösdürmegiň täzeçe ugrunyň esaslandyrylyşy. Ulag-üstaşyr geçelgeleriň ähmiýeti we bu babatda geçirilen halkara çäreler. Ýurdumyzda ýol-ulag infrastrukturasynyň we ulag ulgamynyň diwersifikasiýa ýoly bilen ösüş aýratynlygy.

## 3. Ulagyň görnüşleri we aýratynlyklary

Ulag ulgamynyň baş wezipesi. Ulag prosesiniň tehniki üpjünçiligi, tehnologiýasy, ulag işiniň guralyşy, dolandyrylyşy, elementleri we esasy görkezijileri. Ulag logistikasy we multimodal usullar.

## 4. Ulagyň tehniki üpjünçiliginiň umumy häsiýetnamasy

Ulag prosesiniň tehnologiýasy we guralyşy barada esasy düşünjeler. Ulagyň tehniki serişdeleriniň esasy ulanylyş görkezijileri. Ulagyň tehniki üpjünçiligi.

## 5. Demirýol ulgamynda esasy tehniki elementler, tehnologiýalar we dolandyryş barada düşünjeler

Demir ýol, demir ýollaryň emeli desgalary, menzilleri – stansiýalary, hereket ediji düzümi. Demir ýoluň elektrik üpjünçiligi, demirýol ulaglarynda düzgünleşdiriş we aragatnaşyk serişdeleri. Stansiýalaryň toparlandyrylyşy we niýetlenilişi (aralyk, bölekleýin, sortlaýjy, ýolagçy we ýük stansiýalary).

## 6. Deňiz ulaglary ulgamynda tehniki üpjünçilik, tehnologiýalar, işleriň guralyşy we dolandyrylyşy barada umumy häsiýetnamalar

Flot, deňiz porty, deňiz ýollary. Deňiz portlarynyň toparlandyrylyşy we niýetlenilişi. Deňiz ulagynyň hereket ediji düzüminiň toparlandyrylyşy we niýetlenilişi.



## 7. Derýa ulaglary ulgamynda tehnikanyň, tehnologiýalaryň, işleriň guralyşynyň we dolandyrylyşynyň aýratynlygy

Flot, suw ýollary, portlar, gämi duralgalary. Derýa ulagynda ýük we ýolagçy gatnawlarynyň tehnologiýasy. Derýa ulagynda ýük we ýolagçy gatnawlarynyň guralyşy we dolandyrylyşy.

## 8. Awtomobil ulaglary ulgamynda tehniki üpjünçilik, tehnologiýalar, işleriň guralyş we dolandyrylyş esaslary

Hereket ediji düzüm, awtomobil ýollary, awtoulag kärhanalary. Awtomobil ulagynyň esasy ylmy-tehniki meseleleri. Awtomobil parkynyň köpelmegi we kämilleşmegi, awtomobil ýol ulgamynyň ösüşi.

## 9. Howa ulagynyň esasy tehniki elementleri, tehnologiýasy, guralyşy we dolandyrylyşy barada düşünje

Uçujy enjamlaryň parky, howa menzilleri, howa ýollary. Howa ulagynda ýük we ýolagçy gatnawlarynyň tehnologiýasy, guralyşy we dolandyrylyşy. Uçujy enjamlaryň parkynyň köpelmegi we kämilleşmegi, howa ulgamynyň ösüşi.

## 10. Turbageçiriji ulagy barada esasy düşünjeler

Turbageçiriji ulagynyň aýratynlygy we gysgaça häsiýetnamasy. Turbageçiriji ulag ulgamynyň ösüşiniň aýratynlygy we esasy ylmy-tehniki meseleleri. Turbageçiriji ulagynyň ähmiýeti.

## 11. Ulagyň täze görnüşleri we olaryň toparlandyrylyşy

Ulagyň täze görnüşleri barada düşunje. Geljegi bolan täze ulag görnüşleriniň häsiýetnamasy. Sebit we dünýä möçberinde ulag ulgamyny ösdürmegiň täzeçe ugrunyň esaslandyrylyşy.